# Живопись Туркменистана

*Мелодии туркменской души*

# Türkmenistanyň nakgaşçylygy

*Türkmen kalbynyň owazy*



Каталог выставки
**«Живопись Туркменистана. Мелодии туркменской души»**
Государственный музей Востока, г. Москва,
**5–21 декабря 2014 года**
в рамках Года Культуры



Каталог выставки содержит 60 живописных работ более чем тридцати современных художников Туркменистана, часть из которых уже стала классиками, а другая часть находится в расцвете творческих сил.
Выставка проходит в рамках реализации договорённостей, подписанных в Протоколе седьмого заседания Межправительственной туркмено-российской комиссии по экономическому сотрудничеству «О сотрудничестве в области культуры».

Кураторы выставки: .................. (Москва), ..................  (Ашхабад)
Дизайн выставки: Л.Д. Рапопорт
Монтаж экспозиции: Д.В. Денисов, И.В. Педенко, П.В. Теплякова
Автор-составитель каталога: Ирена Кистович

**Мелодии туркменской души.**
**Живопись Туркменистана // М.:**
**Государственный музей Востока, 2014 – 104 с., ил.**

Дизайн каталога: В.С. Михалицын
Корректор русского текста: С.В. Лапина
Перевод на туркменский язык: OOOOOO
Фотографии предоставлены
Музеем изобразительных искусств
Туркменистана им. Сапармурата Туркменбаши
(г. Ашхабад)

**ISBN 8-978-5-903417-65-0**

© Государственный музей Востока, 2014
© Музей изобразительных искусств Туркменистана им. Сапармурата Туркменбаши

**«Türkmenistanyň nakgaşçylygy. Türkmen kalbynyň owazy»** atly serginiň katalogy Gündogaryň halklarynyň sungatlarynyň döwlet muzeýi, Moskwa ş
**2014-nji ýylyň 5-21 dekabry**

Serginiň katalogy Türkmenistanyň otuzdan gowrak suratkeşleriniň 60 sany sungat eserlerini özünde saklaýar. Bu suratkeşleriň bir bölegi eýýäm nusgawy ussatlar bolmaga ýetişen bolsa, beýleki bölegi özüniň döredijilik ylhamynyň pajarlaýan döwrüni başdan geçirýär.
Sergi Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça türkmen-rus hökümetara toparynyň ýedinji mejlisiniň teswirnamasynyň çäklerindäki «Medeniýet ulgamynda hyzmatdaşlyk etmek hakyndaky» ylalaşygyň çäklerinde geçirilýär.

Katalogy taýýarlan awtor: Irena Kistowiç, Bezän we ýygan: W.S. Mihalisin

**TDKP 8-978-5-903417-65-0**

© Gündogaryň halklarynyň sungatlarynyň döwlet muzeýi, 2014
© Türkmenistanyň Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky Şekillendiriş sungaty muzeýi

# Мелодии туркменской души

## ЖИВОПИСЬ ТУРКМЕНИСТАНА

# Türkmen kalbynyň owazy

## TÜRKMENISTANYŇ NAKGAŞÇYLYGY

МИНИСТЕРСТВО КУЛЬТУРЫ РОССИЙСКОЙ ФЕДЕРАЦИИ

МИНИСТЕРСТВО КУЛЬТУРЫ ТУРКМЕНИСТАНА

ГОСУДАРСТВЕННЫЙ МУЗЕЙ ВОСТОКА

МУЗЕЙ ИЗОБРАЗИТЕЛЬНЫХ ИСКУССТВ ТУРКМЕНИСТАНА ИМ. САПАРМУРАТА ТУРКМЕНБАШИ (Г. АШХАБАД)

TÜRKMENISTANYŇ MEDENIÝET MINISTRLIGI

TÜRKMENISTANYŇ MEDENIÝET MINISTRLIGI

GÜNDOGARYŇ HALKLARYNYŇ SUNGATLARYNYŇ DÖWLET MUZEÝI

TÜRKMENISTANYŇ SAPARMYRAT TÜRKMENBAŞY ADYNDAKY ŞEKILLENDIRIŞ SUNGATY MUZEÝI

Государственный музей Востока уже не в первый раз принимает у себя изобразительное искусство Туркменистана. В теперь уже далеком 1971 году в залах музея с успехом прошла выставка «На земле Туркмении», которая стала заметным явлением в художественной жизни не только Москвы, но всей страны. И вот, по прошествии более чем сорока лет нам выпала честь вновь открывать московским ценителям прекрасного произведения художников из независимого Туркменистана. Мы рады тому, что имеем возможность показать у нас в музее шестьдесят работ лучших представителей живописного цеха.

Изобразительное искусство Туркменистана являет собой уникальный феномен в истории искусства XX века. Здесь сформировалась самобытная, яркая художественная школа. Ее основа — многогранное историко-культурное наследие этой страны, ее уникальная природная среда, тесные связи с русской художественной традицией. Но главное — это душа народа, открытая, гостеприимная, приветливая, мужественная и мягкая. Неслучайно наша выставка получила названия «Мелодии туркменской души», которыми стали живописные работы, составляющие настоящую экспозицию.

Мы уверены, что выставка станет ещё одним шагом в развитии культурного диалога между Россией и Туркменистаном и послужит дальнейшему укреплению наших добрососедских отношений.

А.В. Седов
генеральный директор
Государственного музея Востока



Gündogar halklarynyň sungatlarynyň döwlet muzeýiniň Türkmenistanyň şekillendiriş sungatyny öz goýnunda kabul etmegi birinji gezek däl. Häzir, indi uzakda ýaly görünýän, 1971-nji ýylda biziň muzeýimiziň zallarynda “Türkmen topragynda” atly sergi üstünliklere beslenip geçipdi. Şol sergi diňe bir Moskwanyň däl, eýsem şol wagtky ägirt uly döwletiň möçberinde çeperçilik sungatynyň durmuşynda belli ähmiýetli waka bolupdy. Ine, indi şol wakalardan bäri 40 ýyldan gowrak döwür aşansoň, moskwaly gözellige sarpa goýujylara Garaşsyz Türkmenistanyň nakgaşlarynyň eserlerini aýan etmek mertebesi ýene-de biziň paýymyza düşdi. Biz öz muzeýimizde türkmen nakgaşçylyk sungatynyň wekilleriniň saýlama eserleriniň altmyş sanysyny görkezmek mümkinçiligine örän şatdyrys.

Türkmenistanyň nakgaşçylyk sungaty XX asyryň sungat taryhynda seýrek duş gelinýän özboluşlylygy boýunça ýeke täk fenomen hökmünde özüni tanatdy. Bu ýerde özboluşly görnükli çeperçilik mekdebi kemala geldi. Onuň düýp binýady — bu ýurduň köpgranly taryhy-medeni mirasy, onuň aýratyn özboluşly tebigaty, rus çeperçilik sungatynyň däpleri bilen ýakyn arabaglanyşygydyr. Ýöne, iň esasy zat — bu türkmen halkynyň açyk göwünli, myhmansöýer, päk niýetli, dogumly we ýumşak ruhy dünýäsidir. Biziň şu gezekki sergimiziň “Türkmen kalbynyň owazy” diýlip atlandyrylmagy hem tötänden däldir, bu mukamlar şu ekspozisiýany düzýän çeper eserlerdir.

Biz bu serginiň Russiýanyň we Türkmenistanyň arasyndaky medeni hyzmatdaşlygy ösdürmegiň ýolunda ýene bir ädim boljakdygyna, şeýlede biziň ýurtlarymyzyň arasyndaky oňyn goňşuçylyk gatnaşyklaryny mundan-da beýläk berkitmäge hyzmat etjekdigine berk ynanýarys.

A.W. Sedow
Gündogar halklarynyň sungatlarynyň
döwlet muzeýiniň baş direktory



Искусство, отождествляя стремление людей к прекрасному, сближает народы. Благодаря доброй воле президентов Туркменистана и Российской Федерации плодотворно развивается культурный обмен между нашими странами. Важной частью такого обмена является российско-туркменский выставочный проект в рамках межправительственного соглашения в сфере культуры. Так в декабре 2013 года в Музее изобразительных искусств Туркменистана в Ашхабаде прошла российская выставка Государственного музея Востока «Николай и Святослав Рерихи. Объединяя народы».

Люди искусства наших стран с теплотой помнят выставку «На земле Туркмении», которая прошла в Государственном музее Востока в 1971 году и имела огромный успех. На ней экспонировались работы семерых туркменских художников, объединившихся вместе. Это неформальное творческое объединение получило название «Семерка». Настоящая выставка называется «Живопись Туркменистана. Мелодии туркменской души». На ней представлено развитие туркменского изобразительного искусства за время, прошедшее между этими событиями, что дает возможность российскому зрителю проследить эволюцию национальной живописи.

Туркменистан трепетно относится к своей истории, культуре, искусству. По инициативе и под мудрым руководством главы государства в нашей стране создана современная система музеев, охватившая столицу и все регионы, соответствующая самым взыскательным международным стандартам в вопросах экспонирования и хранения различных видов нашего обширного культурного наследия — от декоративно-прикладного искусства, живописи, графики, скульптуры, до артефактов эпохи неолита. Темпы строительства музеев в Туркменистане не имеют аналогов в современной мировой практике. Так в 2010 г. был открыт грандиозный музей на земле Древнего Мерва, в современном городе Мары, а уже в следующем 2011 году распахнули свои залы музеи в Балканском, Лебапском и Дашогузском велаятах. Несомненно, это позволяет достойно представить культурное наследие Туркменистана в глобальном поле мировой цивилизации.

В октябре 2014 года состоялось открытие колоссального мемориального комплекса «Народная память» в Ашхабаде. Он включает в себя мемориалы памяти героям Геоктепинской битвы 1880–1881 годов, Великой Отечественной Войне 1941–1945 годов и жертвам ашхабадского землетрясения 1948 года. Объединяет мемориалы «Музей святости Родины» с барельефом 9-метровой высоты и протяженностью 180 метров. Лейтмотив мира и сохранения потомкам исторической памяти звучит в идее комплекса, принадлежащей лидеру нации Гурбангулы Бердымухамедову, ведь уважение к своему прошлому генетически присуще туркменскому народу, это и есть фундамент процветания и дальнейшего развития страны.

С. Мередов,
директор Музея изобразительных
искусств Туркменистана



Живопись Туркменистана.
Мелодии туркменской души



Sungat, adamlaryň gözellige bolan ymtylmalaryny kybaplaşdyryp, halklary ýakynlaşdyrýar. Türkmenistanyň we Russiýa Federasiýasynyň Prezidentleriniň hoşniýetli başlangyçlary esasynda, biziň ýurtlarymyzyň arasyndaky medeni gatnaşyklar netijeli ösdürilýär. Türkmen-rus medeni hyzmatdaşlygynyň wajyp ähmiýetli böleginiň mysaly hem, medeniýet ulgamynda hyzmatdaşlyk etmek baradaky hökümetara ylalaşyk esasynda amala aşyrylýan, ikitaraplaýyn çeperçilik sergileridir. Ýagny, 2013-nji ýylyň dekabr aýynda Türkmenistanyň şekillendiriş sungaty muzeýinde "Nikolaý we Swýatoslaw Rerihler. Halklary birleşdirip..." diýen at bilen Moskwa şäherindäki Gundogar Dowlet muzeýiniň sergisi geçirildi.

Biziň ýurtlarymyzyň sungat wekilleri Moskwa şäherindäki Gündogar halklarynyň sungatlarynyň döwlet muzeýinde 1971-nji ýylda geçirilen we uly üstünlige eýe bolan "Türkmen topragynda" atly sergini ýyly mähir bilen ýatlaýandyrlar. Şonda türkmen suratkeşleriniň ýedi sanysynyň eserleri birikdirilip sergilenipdi. Suratkeşlerimiziň bu resmi däl döredijilik birleşigi „Ýedigen" adyny alypdy.

Gündogar döwlet muzeýindäki şu 2014-nji ýyldaky sergi „Türkmenistanyň nakgaşçylygy. Türkmen kalbynyň owazy" diýlip atlandyrylýar. Sergide russiýaly sungat muşdaklaryna, şu agzalan iki serginiň arasynda geçen döwür içinde türkmen milli nakgaşçylygynyň ösüş ýoluna ser salmaga, ýagny milli nakgaşçylygymyzyň tapgyrlaýyn we üznüksiz kämilleşişini yzarlamaga mümkinçilik döredilýär.

Türkmenistan özüniň taryhyna, medeniýetine we sungatyna örän aýawly garaýar. Çuňňur hormatlanýan döwlet baştutanymyzyň asylly başlangyjy we parasatly ýolbaşçylygy esasynda biziň ýurdumyzda häzirkizaman döwrebap muzeýler ulgamy döredildi. Bu muzeýler ulgamy ýurdumyzyň paýtagtyny we ähli welaýatlaryny öz içine alýar. Olar amaly-haşam sungatynyň milli gymmatlyklaryny, nakgaş, grafika, heýkeltaraş sungaty eserlerini, neolit döwründen galan gadymy ýadygärlikleri saklamak hem-de sergilemek boýunça iň kämil, halkara standartlaryna laýyk gelýän enjamlar bilen üpjün edilen. Bu ugurdaky binagurluşyk depginleri häzirkizaman dünýäsinde deňi-taýy bolmadyk depginler bilen alnyp barylýar. Hususanda, 2010-njy ýylda gadymy Merw topragynda, häzirki Mary şäherinde ajaýyp muzeý gurlup ulanylmaga berildi. Onuň yzysüre 2011-nji ýylda Balkan, Lebap we Daşoguz welaýat merkezlerinde binagärlik aýratynlyklary boýunça biri-birinden zyýada täze gurlan muzeýler sungat muşdaklaryna öz sergi zallaryny açdylar. Bu zatlaryň dünýä siwilazisiýasynyň global giňişliginde Türkmenistanyň medeni mirasyny mynasyp derejede görkezmäge mümkinçilik döredýändigi äşgärdir.

2014-nji ýylyň oktýabr aýynda Aşgabat şäherinde "Halk hakydasy" atly giň göwrümli ýadygärlikler toplumy dabaraly ýagdaýda açyldy. Bu toplumda 1880-1881-nji ýyllardaky Gökdepe söweşiniň şehitlerine, 1941-1945-nji ýyllaryň Watançylyk urşunyň gahrymanlaryna hem-de 1948-nji ýyldaky Aşgabat ýer titremesinde wepat bolanlara bagyşlanan ýadygärlikleri öz içine alýar. Bu ýadygärlikler toplumy 650 müň inedördül meýdany tutýar.Onuň çäklerinde "Baky şöhrat" we "Milletiň ogullary" ýädygärlikleri ýerleşýär. Şeýle-de, beýikligi 9 metre we uzynlygy 180 metre barabar barelýefi bilen tapawutlanýan "Watan mukaddesligi" atly muzeý bu ýadygärlikleriň ählisiniň başyny jemleýär.

Bu ýadygärlikler toplumyny döretmek ideýasy Türkmenistanyň Hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowa degişlidir we onda parahatçylyk we nesillerimiziň taryhy hakydany ebedi saklamagy baradaky äheň esasy many-mazmun bolup ýaňlanýar. Çünki, öz taryhy geçmişiňe sarpa goýmak türkmen milletiniň ganynda bar. Hut şunuň özi-de ýurduň mundan beýläkde gülläp ösüşiniň esasyny, düýp binýadyny emele getirýär.

S. Meredow,
Türkmenistanyň Şekillendiriş sungaty
muzeýiniň direktory



Türkmenistanyň nakgaşçylygy.
Türkmen kalbynyň owazy

## МЕЛОДИИ ТУРКМЕНСКОЙ ДУШИ

Выставка «Живопись Туркменистана. Мелодии туркменской души» — это проект Министерства культуры и Музея изобразительных искусств Туркменистана, цель которого — показать российскому зрителю основные этапы становления современной туркменской школы живописи. Данное явление в мировом искусстве имеет особый статус, характеризующийся лаконичным языком, отражающим ментальность народа, ярким, эмоциональным колоритом, связанным с природными особенностями Туркменистана, страны контрастов, где жар пустыни охлажден прохладой горных субтропиков. Выставка туркменских художников в Государственном музее Востока — результат политики открытых дверей, проводимой президентом Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедовым, считающим приоритетом стратегии развития государства духовное совершенствование народа, сохранение его богатейшего историко-культурного наследия.

Вспомним выставку «На земле Туркмении», состоявшуюся в 1971 году в стенах Государственного музея Востока и имевшую огромный успех. Ее органичное продолжение — выставка 2014 года, ретроспективный принцип которой характеризует эволюцию туркменской национальной живописи за период, прошедший между двумя экспозициями.

Правда жизни, правда памяти, правда художественного вымысла... Мы живем в мире реальности, черпая силу в мире идей. Восток и Запад. Туркменистан и Россия. Вспомним строки Александра Блока: «Да, скифы — мы! Да, азиаты — мы, С раскосыми и жадными очами!». В них сконцентрирована суть евразийской ментальности, объединившей демиургов искусства — Н. Рериха и М. Врубеля, И. Клычева и С. Бабикова. Творчество таких титанов создало евразийскую культуру, неотъемлемой часть которой является и туркменское искусство.

История современного туркменского изобразительного искусства насчитывает немногим более ста лет, но корни уходят в древнюю ткань народного декоративно-прикладного творчества. Геометрия цвета и формы коврового орнамента, строгая величественная роскошь серебряных ювелирных украшений, золотом оттеняющих сердолик и бирюзу, насыщенное пиршество вышивок, эстетика старого быта и особое мировосприятие туркмен — все это легло в основу создания национальной школы современной живописи.

Наставниками многих из участников выставки «Живопись Туркменистана. Мелодии туркменской души» были выдающиеся имена русской классической школы живописи, например, Б. Иогансон, А. Герасимов, И. Серебряный, Е. Моисеенко, М. Курилко-Рюмин. Композиционное мышление, стилистика письма раннего творчества туркменских художников находились в рамках академического искусства. Но живописцы не смогли бы выразить суть национального характера, передать жар полуденного солнца, если не пошли бы в своих исканиях дальше. Этого властно требовала сама природа — жаркий сухой климат создает жесткие графические контуры, наполненные насыщенным цветом. На фоне песков одинаково ярко виден цветок мака и красное кетени — плотная шелковая материя - национального платья туркменки. Реалистической живописи полутонов с тонкими валёрами цвета не хватало накала, силы тонов, но она помогла туркменским мастерам острее ощутить контрасты красок родной земли. На изменение пластики живописных мотивов коренным образом повлияла эстетика Туркменистана. Если же соль потеряет силу, то чем сделаешь ее солёной? Если солнце потеряет свой жар на холстах, то чем восстановить его экспрессию? Путь к обретению национального языка был найден. Первым шагом стал отказ от прежнего мышления, построенного на принципах академизма, вторым — изменение колористической гаммы, максимально приближенной к природным контрастам родной земли.

Новая живопись не появилась спонтанно. Существуют несколько аспектов, повлиявших на ее сложение. Прежде всего, она формировалась во время поездок, — не было такого уголка страны, где не побывали бы художники, запечатлевая в этюдах строгость и величие туркменской природы. Именно в пленэрной живописи пришли свобода выражения, раскрепощение кисти, менялся колорит. Вторым, быть может, наиболее существенным фактором, стало изучение жизни народа, его обычаев, его будней — сборщики винограда и хлопка, стригали и чабаны, нефтяники и геологи, познавшие жар пустыни и влюбленные в свои профессии, — все они стали персонажами новых полотен, воспевающих красоту земли и красоту человека, работающего на ней. И, конечно, художники середины 1960-х годов основывались на опыте прошлых поколений. Назовем таких мастеров как самобытного и неповторимого Б. Нурали, О.Мизгиреву, Ю. Данешвар, И. Черинько, основателя жанра туркменского индустриального пейзажа Г. Бабикова, Е. Адамову, много лет плодотворно возглавлявшую молодежную секцию Союза художников Туркменистана, Я. Аннанурова, А. Кулиева, А. Хаджиева, Н. Ильина, у которого мастерству акварели учился О. Маметнуров. Свою главу вписали в историю туркменского изобразительного искусства и художники, работавшие в Туркменистане лишь некоторое время, — Р. Мазель, С. Дудник, повлиявший на формирование раннего С. Мередова.

О сложении яркой и современной туркменской живописной школы заговорили в конце 1960-х годов. К началу 1970-х годов она заняла одно из лидирующих мест в изобразительном искусстве советского периода. Рождение того художественного явления, который в мировой истории изобразительного искусства получило статус «туркменской школы» связано с именем Иззата Назаровича Клычева и его серией «Моя Туркмения» (1963–1965). «Я и Мама» (орфография автора), «Белуджи», «Стригали», «Легенда» — хрестоматийные сегодня, в середине 1960-х годов явились открытием. Новый живописный язык принес лапидарность композиционного решения, острый рисунок, лаконичность открытых цветов. Необходимо отметить творческую смелость живописца, прежде заявившего о себе как о крупном художнике-монументалисте, создателе историко-эпического полотна «За лучшую долю. (На интервентов)» (1957). Клычев смог преодолеть академическое видение, создать кардинально иную пластику живописного мотива. Его поиски продолжились в творчестве следующего поколения художников.

К Иззату Клычеву тянулись молодые силы. Это были Шамухаммед (Шаджан) Акмухаммедов, Чары Амангельдыев, Станислав Бабиков, Дурды Байрамов, Кульназар Бекмурадов, Мамед Мамедов, выпускники ВУЗов Москвы и Ленинграда. С середины 1960-х годов они уже активно участвовали в выставочной жизни Туркменистана, их полотна во многом определили успех экспозиций республиканских отделов на всесоюзных выставках 1967 и 1969 годов. В 1970 году им, вместе со скульптором Джума Джумадурды, приходит идея объединиться. Возникает единственное неформальное творческое объединение туркменских художников, названное «Семёрка». Это название осталось в истории мирового искусства. Международный авторитет И. Клычева открывает им дорогу, и в 1971 году в Государственном музее Востока состоялась выставка «На земле Туркмении». На ней экспонировались работы, позднее вошедшие в золотой фонд туркменского искусства. Это были страстное «Моление о воде» М. Мамедова, эскизы к кинофильму «Рабыня» А. Акмухаммедова, «Портрет художника К. Бекмурадова» Ч. Амангельдыева, графичное «Пробуждение безмолвных» К. Бекмурадова, острохарактерный «Портрет художника И. Клычева» Д. Байрамова, экспрессивное новаторское полотно С. Бабикова «Игра в мяч. Апрельские девушки». Выставка имела бурный успех. После неё картины туркменских художников начинают закупать Государственная Третьяковская галерея, Государственный музей Востока. Выставка стала знаковой для развития туркменского искусства. «Семёрка» высоко подняла рейтинг национальной живописи.

Это была пора, превратившаяся уже сегодня в легенду. «Семёрка» — созвездие, окруженное яркими звездами туркменского небосклона. Созвездие притягивающее, но не поглощающее. Особая историческая роль этого объединения состоит не в прямых последователях, хотя стоит вспомнить пластические мотивы А. Ходжаниязова, Н. Ходжагулыева, Х. Анначарыева, А. Оразова, М. Сапарова, А. Саурова. Главное — художники объединения были подчинены идее создания прекрасного. Они жили туркменским искусством и для туркменского искусства. Именно этот, скорее моральный, аспект мощного творческого воздействия «Семерки» стоит рассматривать как наиболее существенный среди факторов их влияния на формирование туркменской живописи последующих десятилетий.

Подобную аналогию можно проследить в российском изобразительном искусстве конца XIX — начале XX века. Существует некая историческая параллель с тем воздействием, которое оказало на русскую культуру художественное объединение «Мир искусства», сплотившее прогрессивных, но разных по стилистике художников: Н. Рериха, Л. Бакста, М. Врубеля, В. Серова, Александра Бенуа, К. Коровина, К. Сомова, Н. Нестерова, И. Левитана, А. Остроумову.

Влияние «Семерки» как феномена национального культурной жизни начала 1970-х годов выходит за пределы Туркменистана. Подобные творческие объединения появляются и в России, и в других союзных республиках. Год спустя после московской выставки «Семерки» в 1972 году в Ленинграде в выставочном зале на Охте открылась выставка группы «Одиннадцать», объединивших наиболее ярких молодых художников. В ее состав по примеру туркменских коллег вошли десять живописцев и один скульптор. Одни из инициаторов ее создания был живописец Герман Егошин, соученик и друг С. Бабикова и более молодого участника «Семерки» М. Мамедова по учебе в институте им. И.Е. Репина.

Примером воздействия «Семерки» на туркменское искусство является ранее творчество столь разных художников как Я. Байрамов, занимавшийся поисками пластики туркменского модернизма, и А. Алмаммедовов, работающий в реалистическом направлении. Эти живописцы внесли свой вклад в историю национальной живописи: А. Алмаммедов повлиял на своих учеников ашхабадского художественного училища и Академии художеств, а отголоски форм и колорита Я. Байрамова явно прочитываются в полотнах ряда художников 80 -90-х годов. Стоит особо подчеркнуть, что поиск национального в изобразительном искусстве Туркменистана является приоритетным и в абстрактном направлении. Так Д. Амандурдыев, представитель туркменского модернизма, обрел свой почерк в пейзажах родного города Кизил-Арвата (ныне город Сердар).

В пластическом отношении свободно от влияния «Семерки» творчество В. Павлоцкого. Манера его полотен напрямую связана с оригинальной техникой мастера. Со временем его живопись становилась более совершенной по колориту, нежели претерпевала суетную трансформацию. Ярким живописцем еще с начала 1960-х годов выступил А. Амангельдыев, мастер многофигурных композиций и тонально насыщенных натюрмортов. Своеобразна «сказочная» живопись основателя туркменской мультипликации М. Чарыева. Лаконичны графические, точно выверенные работы К. Бегджанова. Этнографический неопримитивизм А. Ходжагулыева, А. Аманмамедова, Т. Эсенмамедова, Х. Нобатова идет от обращения к творчеству выдающего основателя этого направления Б. Нурали.

К. Оразнепесов занимался поисками соединения стилистики восточной миниатюры с элементами дизайна. В этом ему помогли занятия в учебно-экспериментальной студии дизайна Союза художников в Сенеже под

руководством Е. Роземблюма. Там находилась творческая база Союза художников, в которую туркменские живописцы ездили с середины 1960-х до конца 1980-х годов. Поездки давали возможность непосредственного созидательного общения представителям всех национальных школ живописи советского периода, рождали необходимость глубокого сопоставительного анализа, столь важного для художественного роста, а главное — туркменские живописцы использовали встречи, как возможность представить свою школу на высоком творческом уровне.

Параллельно с «Семеркой» в Туркменистане возникает еще одно интересное художественное явление, инициатором которого был К. Оразнепесов. В городе Мары, древнем Мерве, складывается группа художников, которую позже назовут «марыйской». Ее отличают высокий профессионализм и сохранение ярких творческих индивидуальностей. К ней относятся К. Миргалимов, увлекавшийся экспериментами с миниатюрой, А. Мурадалиев, строящий замкнутые в плоскости картины фантастичные миры, декоративный К. Нурмурадов, многогранный талантливый график К. Курбанов, живописец и тонкий график Х. Шахбердыев, обладавший особой аурой художника-философа, а также острохарактерный, контрастный Д. Арушаянц.

Семидесятые годы двадцатого века принесли изменения в стилистике изобразительного искусства. Проходило это на фоне общего усложнения живописного языка в картинах таких мастеров как Г. Попков, Т. Назаренко, Н. Нестерова, В. Иванов в России. Туркменские живописцы были заняты поисками пластических возможностей ухода от прежнего лаконизма, что иногда приводило к многословесности. Пожалуй, наибольшим достижением того десятилетия стоит рассматривать сложение ассоциативного языка, основанного на обращении к старому туркменскому быту, к национальному орнаменту. Меняется колорит, чистота и ясность цвета уступает место многослойной живописи с активным использованием мастихина и последующей лессировкой. Основным девизом с подачи художника А. Мухаммедова становится известное изречение Р. Фалька: «Живопись – это драгоценный камень. И не важно, темного он или светлого оттенка». Этот период не однороден. Полотна К. А. Одаева, Б. Лаллыкова, А. Оразова реалистичны. А. Кичикулиев, Г. Гусейнов, А. Рамазанов, Дж. Ходжаниязов, Г. Нурлыев, Б. Ходжаммаева, Б. Амансахатов принадлежат уже иной эпохе. Однако история продолжается, и в этом видится исконно туркменская приверженность традициям. Поздний декоративизм И. Клычева, особенно его «Голубой Восток», уже в 2000-е годы много дал современным живописцам, например М. Ярмаммедову.

Течение творчества подобно реке — это живительный поток. И подобно реке, в истории искусства не войти дважды в одну и ту же воду. Стилистика пластических мотивов неразрывна от воздействия времени. Выставка «Живопись Туркменистана. Мелодии туркменской души» — это репрезентация российскому зрителю национального изобразительного искусства, прошедшего путь от академизма к лаконизму сурового стиля и сложению туркменской школы живописи, от знаменитого клычевского красного цвета к многоголосию «Семерки». И от нее — к созданию современной живописи независимого





Туркменистана. По сути, главная цель туркменской выставки – сделать еще один творчески продуктивный шаг в деле укрепления российско-туркменских связей в культурной сфере.

Время, в котором сегодня живет Туркменистан, — эпоха могущества и счастья. Индикатором уровня развития общества является отношение государства к культуре и искусству. Наша страна открыта мировому сообществу для полномасштабного сотрудничества в этих сферах. Ежегодно в Туркменистане проводятся международные выставки изобразительного искусства, фестивали песни, музыки, организуются симпозиумы и научные конференции. Это дает возможность искусствоведам, литературоведам, культурологам, археологам, архитекторам обмениваться опытом, на деле показать, как культуры разных стран органично дополняют друг друга. В 2015 году город Мары подхватывает эстафету у Казани. Древнему Мерву, через который проходил знаменитый Шелковый путь, отведена почетная миссия стать столицей Тюрксай: «Мары — культурная столица Турксай в 2015», что свидетельствует о бережном сохранении единства евразийской культуры Востока и Запада.

Ирэна Кистович,
художник, искусствовед, член СХ Туркменистана

# TÜRKMEN KALBYNYŇ OWAZY



“Türkmenistanyň nakgaşçylyk sungaty. Türkmen kalbynyň owazy” atly sergi Türkmenistanyň Medeniýet ministrliginiň hem-de Türkmenistanyň Şekillenidiriş sungaty muzeýiniň taslamasy bolup, onuň maksady häzirki zaman türkmen nakgaşçylyk mekdebiniň kemala gelşiniň esasy tapgyrlaryny russiýaly sungat muşdaklaryna açyp görkezmekden ybarat. Milli mekdebiň kemala gelmegi ýaly hadysa dünýä sungatynda aýratyn derejä eýe bolmak bilen, ol sada dilde häsiýetlendirilýär, halkyň milliligini ýagty, emosional öwüşginlerde şöhlelendirýär. Bular bolsa ýurduň tebigatynyň aýratynlyklary bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Türkmenistan, kontrastlar ýurdy — bu ýerde çölleriň jöwzasyny dag subtropikleriniň salkyn howasy serginledýär. Moskwa şäherindäki Döwlet Gündogar muzeýinde türkmen suratkeşleriniň sergisiniň guralmagy, döwletiň ösüş strategiýasynyň esasy ugry hökmünde halkyň ruhy kämilleşmesi, onuň baý taryhy-medeni mirasyny gorap saklamak diýip hasaplaýan Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň alyp barýan “Açyk gapylar” syýasatynyň oňyn netijeleridir.

Şular bilen birlikde Gündogar muzeýinde 1971-nji ýylda (ol döwür Gündogaryň halklarynyň sungatlarynyň döwlet döwlet muzeýi — GHSDM) “Türkmen topragynda” atly serginiň guralandygyny we onuň uly üstünlige eýe bolandygyny ýatlap geçmek zerurdyr. Çünki, 2014-nji ýylda guralan bu sergä onuň dowamy hökmünde garamak mümkin we ol bu iki ekspozisiýalary baglanyşdyrýan döwür içinde türkmen şekillendiriş sungatynyň geçen ösüş ýoluny beýan edýär. Bu serginiň retrospektiw prinsipi türkmen milli nakgaşçylygynyň ewolýusiýasyny — tapgyrlaýyn we üznüksiz ösüşini häsiýetlendirýär.

Durmuş hakykaty, hatyranyň hakykaty, çeperçilik hyýalynyň hakykaty... Biz hakykat dünýäsinde ýaşap, ideýalar dünýäsinden güýç alýarys. Gündogar we Günbatar. Türkmenistan we Russiýa. Aleksandr Blogyň setrilerini ýatlap geçeliň: “//Hawa, skifler — biz! Hawa, aziýalylar — biz,// Gyýçak gözleri hyjuwdan doly!//”. Bu setrilerde ýewraziýa milliliginiň many-mazmuny jemlenendir. Bu many-mazmun sungatyň ýaradanlary — beýik dörediјileri N.Rerihi we M.Wrubeli, Y.Gylyjowy we S.Babikowy birleşdiripdi. Şular ýaly ägirtleriň dörediјiligi ýewraziýa medeniýetini emele getirdi, onuň aýrylmaz bir bölegi bolsa türkmen sungatydyr.

Häzirkizaman türkmen şekillendiriş sungatynyň taryhy ýüz ýyldan gowrak döwri öz içine alýar, emma onuň kökleri halkyň amaly-haşam sungatynyň gadymyýetine alyp gidýär. Haly gölleriniň reňkiniň we şekiliniň geometriýasy, zergärçilikde pöwrize we hakyk daşlary altyn bilen gaýmalanan kümüş şaýsepleriniň agras dabara beslenen baýlygy, el-keşdeleriň baý köpdürlüligi, şeýle hem köneden gelýän durmuş ýörelgeleriniň gözelligi we türkmenleriň özboluşly dünýägaraýşy — bularyň ählisi milli nakgaşçylyk mekdebiniň döremeginiň düýp esasynda ýatandyr. “Türkmenistanyň nakgaşçylyk sungaty. Türkmen kalbynyň owazy” atly sergä çykarlan suratkeşleriň köpüsüniň halypalarynyň rus nusgawy nakgaşçylyk mekdebiniň ajaýyp suratkeşleri B.Ioganson, A.Gerasimow, I.Serebrýanyý, Ý.Moiseýenko, M.Kurilko dagylaryň bolandygyny bellemelidiris.

Türkmen suratkeşleriniň irki dörediјiliginiň kompozision pikirlenişi, ýazuw stilistikasy nusgawy sungatyň çägindedi. Emma biziň suratkeşlerimiz öz dörediјilik gözleglerinde has öňe gitmedik bolsadylar, onda olar milli häsiýetiň özenini, günortanky günüň jowzasyny beýan edip bilmezdiler. Muny tebigatyň hut öz hökümi talap edýärdi — yssy, gurak howa şertleri doýgun reňkler bilen dolduryian berk grafiki sudurlary döredýär. Ürgün çägeleriň fonunda gülälek güli we türkmen gelin-gyzlarynyň milli lybasy bolan gyzyl keteni birmeňzeş ýiti görünýär. Inçe walýorly ýarymöwüşginleriň realistik nakgaşçylygyna ýitilik, öwüşginleriň güýçliligi ýetmezçilik edýärdi, ýöne bu ýagdaý turkmen ussatlaryna ene topragyň reňkleriniň ýiti gapma-garşylygyny — kontrastyny has ýiti duýmaga kömek edipdi. Şeýlelik-de, nakgaşçylyk äheňleriniň çeýeliginiň üýtgeýşine Türkmenistanyň gözelligi düýpli täsir etdi. Eger-de duz güýjüni ýitirse, onda ony näme bilen şor edip bolar? Eger kendirlerde gün öz howruny ýitirse, onda onuň täsirliligini näme bilen dikeldip bolar? Bu soraglara jogaplar agtarmagyň barşynda nakgaşçylygyň milli diline eýe bolmaklygyň ýoly tapyldy. Onuň ilkinji ädimi akademizmiň ýörelgelerinde gurnalan pikirlenişden ýüz öwürmek boldy. Ene topragyň tebigy gapma-garşylyklaryna mümkin boldugyndan ýakynlaşdyrylan reňk öwüşginleriniň üýtgedilmegi bolsa ikinji ädim boldy.

Täze nakgaşçylyk tötänleýin döremedi. Onuň emele gelmegine täsir eden birnäçe garaýyşlar bar. Ilkinji nobatda ol ýurduň dürli künjeklerine edilen saparlarda emele geldi — suratkeşlerimiziň türkmen tbigatynyň agraslygyny we beýikligini öz etýudlarynda şekillendirip, ýurdumyzyň çäklerinde barmadyk ýerleri galmandy. Hut plener nakgaşçylykda, ýagny açyk howada, tebigatda surat eserini döretmekde beýan ediş erkinligi geldi, suratkeş galamynyň erkinleşmegi ýüze çykyp. Ikinji, belki has ähmiýetli ýagdaý bolsa, halkyň ýaşaýşyny, däp-dessurlaryny, gündelik durmuşuny öwrenmeklik boldy — üzümçiler we pagtaçylar, gyrkymçylar we çopanlar, çölüň yssysyna belet nebitçiler we geologlar — bularyň ählisi hemtopragyň gözelligini, onda zähmet çekýän ynsanyň görküni wasp edýän täze surat eserleriniň gahrymanlary booldular. Elbetde, geçen asyryň 60-njy ýyllarynyň ortalarynyň suratkeşleri ýaşuly nesliň tejribesine daýanýardylar. Şunuň bilen baglylykda, özboluşly we gaýtalanmajak zehinli B.Nuralyny, O.Mizgirýewa-

ny, Ý.Daneşwary, N.Çerwýakowy, türkmen industrial peýzaž žanryny esaslandyryjy G.Babikowy, ençeme ýyllap Türkmenistanyyň Suratkeşler birleşmesiniň ýaşlar bölümüne üstünlükli ýolbaşçylyk eden Ý.Adamowany, O.Mammetnurowyň akwarel ussatlygynda halypasy bolan I.Ilýini, Ý.Annanurowy, A.Kulyýewi, A.Hajyýewi ýatlap geçmek gerek. Türkmen şekillendiriş sungatynyň taryhyna Türkmensitanda az wagt işläp giden suratkeşler hem öz goşandyny goşdular. Olaryň hatarynda R.Mazel, S.Meredowyň suratkeş hökmünde irki kemala gelmegine täsir eden S.Dudnik dagy bar.

Häzirkizaman güýçli türkmen nakgaşçylyk mekdebiniň döreýändigi barada geçen asyryň 60-njy ýyllarynyň ahyrynda agzalyp başlandy. Türkmen nakgaşçylygy 70-nji ýyllaryň başlarynda sowet zamanasynyň şekillendiriş sungatynda öňdebaryjy orunlaryň birine eýe boldy. Şekillendiriş sungatynyň bütindünýä taryhynda "türkmen mekdebi" diýen ada eýe bolan bu suratkeşligiň döremegi Yzzat Nazarowiç Gylyjowyň ady hem-de onuň "Meniň Türkmensitanym" (1963–1965) atly eserler tapgyry bilen baglanyşyklydyr. Bu günki gün adaty ýaly görünýän "Men we Ejem", "Buluçlar", "Gyrkymçylar", "Rowaýat" atly eserler 60-njy ýyllaryň ortalarynda hakykyky açyş bolupdy. Täze nakgaşçylyk dilini kompozision çözgüdiň gysgalygy, ýiti şekil, açyk reňkleriň ýerlikli we çakli ulanylmagy getiripdi. Ilkibaşda özüni "Has oňat ykbal paýy üçin. Interwentlere garşy durmaga" (1957ý.) atly taryhy -epiki eserini döreden iri monumentalçy-suratkeş hökmünde tanadan suratkeşiň döredijilik batyrlygyny bellemek zerurdyr. Yzzat Gylyjow nusgawy çemeleşmäniň çygryndan çykmagy, nakgaşçylyk äheňiniň düýpgöter özgeçe usulyny döretmegi başardy. Onuň döredijilik gözlegleri suratkeşleriň indiki nesliniň döredijiliginde dowam etdirildi.

Ýaşlar Yzzat Gylyjowa tarap çekilýärdiler. Olar Moskwanyň we Leningradyň ýokary okuw jaýlarynyň uçurumlary Şamuhammet (Şajan) Akmuhammedow, Çary Amangeldiýew, Stanislaw Babikow, Durdy Baýramow, Gulnazar Bekmyradow, Mämmet Mämmedow dagylardy. 60-njy ýyllaryň ortalaryndan başlap olar Türkmensitanyň sergi durmuşyna işjeň gatnaşýardylar. Olaryň eserleri 1967-nji we 1969-njy ýyllardaky bütinsoýuz sergilerinde respublikan bölümleriň ekspozisiýalarynyň üstünligini köp derejede kesgitläpdiler. 1970-nji ýylda olara heýkeltaraş Juma Jumadurdynyň birikmegi bilen türkmen suratkeşleriniň "Ýedigen" diýlip atlandyrylan ýeke-täk resmi däl döredijilik birleşmesi emele gelýär. Bu atlandyrma dünýä sungatynyň taryhynda galdy. Yzzat Gylyjowyň halkara abraýy olara giň ýollary açýar we 1971-nji ýylda Gündogar halklarynyň sungatlarynyň döwlet muzeýinde "Türkmen topragynda" atly sergi guralýar. Şol sergä çykarlan işler ondan has soňra türkmen sungatynyň altyn gaznasyna girizildiler. Olaryň arasynda M.Mämmedowyň "Nem nalasy" atlyhyjuwly eseri,A.Akmuhammedowyň "Gyrnak" kinofilmine eskizleri, Ç.Amangeldiýewiň "Suratkeş K.Bekmyradowyň portreti", K.Bekmyradowyň grafiki "Ygtyýarsyzlaryň galkmagy", D.Baýramowyň "Suratkeş Y.Gylyjowyň portreti", S.Babikowyň ýagty häsiýetli täzeçillikli "Top oýny. Aprel gyzlary" atly ajaýyp surat eserleri sungatyň ýokary derejesidir. Şeýle üstünlikden soňra olaryň eserlerini Tretýakow galereýasy we GHSDM satyn alyp başlaýar. Ol sergi türkmen sungatynyň ösmeginde aýratyn orun eýeledi. "Ýedigen" milli nakgaşçylygyň abraýyny ýokary galdyrdy.





Ol şeýle bir döwür, häzir eýýäm rowaýata öwrülmämge ýetişen zamana bolupdy. "Ýedigen" — bu türkmen asmanynyň ýagty ýyldyzlaryndan düzülen topardyr. Ol ýyldyzlar toplumy özüneçekiji, emma dolulygyna gurşap alyjy däldir. Bu birleşmäniň aýratyn taryhy ornunyň gönüden-göni dowam etdirijilerde däldigini bellemek gerek. Şeýlede bolsa,"Ýedigeniň" dowam etdirijileri bolan A.Hojanyýazowyň, N.Hojagulyýewiň plastiki äheňlerini, H.Annaçaryýewiň, A.Orazowyň portretlerini, M.Saparowyň eskizlerini, A.Saurowyň peýzažlaryny ýatlap geçmek bolar. Esasy zat — birleşmäniň suratkeşleri gözelligi döretmek ideýasyna gollanandylar. Olar türkmen sungaty bilen we türkmen sungaty üçin ýaşaýardylar. "Ýedigeniň" güýçli döredijilik täsiri hökmünde hut şu, ahlaga ýakyn tarapyny türkmen nakgaşçylygynyň soňraky onýyllyklarda kemala gelmegine eden tasirleriň has ähmiýetlisi hökmünde seretmek ýerlikli bolardy.

Şeýle meňzeşligi XIX asyryň ahyrynyň XX asyryň başlarynyň russiýanyň şekillendiriş sungatynda hem görmek mümkin. Ýerine ýetiriş usullary dürli bolan progressiw suratkeşler N.Rerihi, L.Baksty, M. Wrubeli, W.Serowy, Aleksandr Benuany, K.Korowini, K.Somowy, N.Nesterowy, I.Lewitany, A.Ostroumowany jebisleşdiren "Sungat älemi" atly çeperçilik birleşmesiniň rus medeniýetine ýetiren täsiri bilen özboluşly taryhy meňzeşlik bar.

"Ýedigeniň" 70-nji ýyllaryň milli medeni durmuşyndaky fenomen — üýtgeşik bir hadysa hökmünde sungat dünýäsine täsiri Türkmenistanyň çäginden has daşary çykdy. Ýagny, türkmen suratkeşleriniňkä meňzeş öz milli diline, aýratyn ugruna eýe bolan, milli nakgaşçylyk mekdebiniň kemala gelmegine ýardam bolan döredijilik bileleşikleri ýüze çykyp ugrady. Şular ýaly "Ýedigenimize" meňzeş birleşikleriň has görnüklisi Leningradda rus nakgaşçylarynyň "Onbirlik" diýlip atlandyrylan toparyny ýatlap geçmek bolar. Turkmen kärdeşleriniňkä leningradly topary on sany suratkeş we bir heýkeltaraş düzýärdi we olaryň ilkinji sergisi 1972-nji ýylda Leningradyň suratkeşler birleşiginiň sergi zalynda boldy. "Onbirligi" doretmegiň başynda duranlaryň biri German Ýegoşin "Ýedigeniň" agzalary S.Babikowyň hem-de M.Mämmedowyň dosty we I.Ý.Repini adyndaky institutynda talyp ýoldaşy.

"Ýedigeniň" şeýlekin täsiriniň mysaly bir-birinden şeýle tapawutly suratkeşler Ý.Baýramowyň — türkmen modernizminiň serişde usullarynyň gözlegi bilen meşgullanan hem-de realistik ugurda işlän A.Almämmedowyň irki döredijilikleri mysal bolup durýar. Bu nakgaşlar milli nakgaşçylygyň taryhyna öz goşandyny goşdular: A.Almämmedow Aşgabadyň çeperçilik mekdebindäki we Çeperçilik Akademiýasyndaky öz okuwçylaryna täsirini ýetirdi, Ý.Baýramowyň şekil we reňk aýratlyklarynyň yzlary bolsa 1980/90-njy ýyllaryň ençeme suratkeşleriniň surat eserlerinde okalýar. Türkmenistanyň şekillendiriş sungatynda milliligiň gözlegi bu sungatyň hyýaly ugrunda hem ileri tutulýan ýörelgeleriň biri bolup durýar diýip, aýratyn bellemek gerek. Şunda, türkmen modernizminiň wekili bolan D.Amandurdyýew döredijiliginiň özboluşly tärini öz dogduk mekany Gyzylarbat – häzirki Serdar şäheriniň peýzažlarynda kemala getirdi.

Plastiki nukdaýnazardan alanyňda W.Pawloskiniň döredijiligi "Ýedigeniň" täsirine sezewar bolmandygyny belläliň. Onuň suratlarynyň häsiýetli aýratynlygy ussadyň özboluşly tehnikasy bilen gönüden-göni baglydyr. Wagtyň geçmegi bilen

onuň eserleri öwüşginleri boýunça has kämilleşdi. Görnükli nakgaş hökmünde eýýäm 60-njy ýyllaryň başlarynda A.Amangeldiýew özüni tanatmagy başarýar. Ol köpşekilli kompozisiýalaryň we reňk öwüşginleri boýunça doýgun natýurmortlaryň ussady. Türkmen multiplikasiýasynyň esaslandyryjysy M.Çaryýewiň "Erteki" nakgaşçylygy hem özboluşlydyr. K.Begjanowyň takyk ölçerlen grafiki işleri az sözlüligi bilen tapawutlanýar. A.Hojagulyýewiň, A.Amanmammedowyň, T.Esenmammedowyň, H.Nobatowyň etnografiki neoprimitiwizmi bu ugruň görnükli esaslandyryjysy bolan B.Nuralynyň döredijiligine ýüzlenmeklikden gelip çykýar.

K.Oraznepesow Gündogar miniatýurasynyň stilistikasyny bezeg elementleri bilen birleşdirmegiň gözlegleri bilen meşgullanýardy. Bu ugurda oňa Ý.Rozemblýumyň ýolbaşçylygynda Seneždäki Suratkeşler birleşmesiniň okuw-synag bezeg studiýasynda alan sapaklary ýardam etdi. Ol ýere türkmen nakgaşlary 60-njy ýyllaryň ortalaryndan tä 80-nji ýyllaryň ahyryna çenli gatnadylar. Ol ýerde sowet döwrüniň ähli milli suratkeşlik mekdepleriniň wekilleriniň özära döredijilikli aragatnaşygyna ýol açylýardy. Suratkeşlik ösüşi üçin zerur bolan çuňňur deňeşdirme derňewiň zerurlygy ýüze çykarylýardy. Türkmen nakgaşlary bu duşuşyklary öz mekdeplerini ýokary döredijilik derejesinde açyp görkezmäge bolan mümkinçilik hökmünde ulanmagy başardylar.

"Ýedigen" bilen bir wagtda Türkmenistanda ýene-de bir gyzykly suratkeşlik hadysasy ýüze çykýar. K.Oraznepesowyň başlangyjy esasynda Mary şäherinde ýokary hünär ussatlygy we ýiti döredijilikli suratkeşleriň topary döreýär. Bu hadysa ýokary hünär ussatlygy we ýagty döredijilik indiwiduallygyny saklamaklygy bilen tapawutlanýar. Olaryň arasynda miniatýurada synaglar eksperimentler bilen gyzyklanan K.Mirgalimow, surat gurşawyndan çykmaýan fantastiki dünýäleri gurýan A.Myradalyýew, dekoratiw K. Nurmyradow, köptarplaýyn zehinli grafikaçy G.Gurbanow, nakgaş we inçe grafikaçy H.Şahberdiýew, suratkeş-pelsepeçiniň üýtgeşik häsiýetine eýe bolan, D.Aruşaýans dagy bolýar.

70-nji ýyllar şekillendiriş sungatynyň stilistikasyna üýtgeşmeler girizdi. Bu bolsa G.Popkow, T.Nazarenko, N.Nesterowa, W.Iwanow dagy ýaly russiýaly ussatlaryň suratlarynyň nakgaşçylyk diliniň çylşyrymlaşmagynyň fonunda bolup geçipdi. Türkmen nakgaşlary öňki az sözlülikden çykmagyň mümkinçilikleriniň gözlegleri bilen meşguldylar. Bu bolsa kähalatlarda köpsözlülige alyp barýardy. Şol onýyllygyň has uly üstünligi ýa-da gazananlary hökmünde köne türkmen durmuşyna, milli nagyşlara ýüzlenmeklige esaslanýan assosiatiw diliň emele gelendigini görkezmek bolar. Reňk öwüşginleri üýtgeýär, açyk we arassa reňkler öz ornuny mastihini we soňraky lessirlemegi işjeň ulanylýan köpgatly nakgaşçylyga berip ugradylar. Suratkeş A.Muhammedowyň başlangyjy bilen Robert Falkyň "Nakgaşçylyk — bu bir gymmatbaha daşdyr. Özi-de onuň gara ýa-da ýagty öwüşginli bolmagy wajyp däldir" diýen sözleri esasy şygar boldy. Bu döwür deňdeş däldir. K.A.Ödäýewiň, B.Lalykowyň, A.Orazowyň eserleri realistik bolan bolsa, A.Kiçigulyýew, G.Guseýnow, A.Ramazanow, J.Hojaniýazow, G.Nurlyýew, B.Hojammaýew, B.Amasähedow dagylar eýýäm başga eýýama degişli. Şeýlede bolsa, taryh dowam edýär we şunda-da türkmeniň asly öz dessurlaryna ygrarlylyk häsiýetleri görünýär. Y.Gylyjowyň giçki dekoratiwizmi, esasan hem onuň "Mawy Gündogar" atly işi eýýäm 2000-nji ýyllarda häzirkizaman nakgaşçylaryna, şol sanda M.Ýarmämmedowa köp zady bermegi başardy.

Döredijiligiň akymy misli derýadyr — bu jan, ömür paýlaýan akymdyr. Derýanyň şol bir suwuna ikilenç girip bolmaýşy ýaly, sungatyň taryhynda hem şol bir döwrüne ikilenç çümüp bolmaýar. Plastik äheňleriň stilistikasy heňňamyň täsirinden üzňe däldir. "Türkmenistanyň nakgaşçylyk sungaty. Türkmen kalbynyň owazy" atly sergi rus tomaşaçysyna akademizmden ýowuz az sözlülik stiline geçen, türkmen nakgaşçylyk mekdebini döreden, Gylyjowyň meşhur gyzyl-elwan reňklerinden köpsesli "Ýedigene", ondan bolsa Garaşsyz Türkmenistanyň häzirkizaman nakgaşçylygyny döretmeklige çenli ýoly geçen türkmen milli şekillendiriş sungatynyň durkuny açyp görkezýär. Aslynda, türkmen sergisiniň esasy maksady rus-türkmen gatnaşyklarynyň medeni gurşawynyň has hem pugtalanmagy ugrunda alnyp barylýan işlerde döredijilik taýdan netijeli ädimleriň ene-de biridir.

Bu günki gün Türkmenistan Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe ýaşaýar. Jemgyýetiň ösüşiniň görkezijisi döwletiň medeniýete we sungata bolan gatnaşygydyr. Biziň ýurdumyz dünýä jemgyýetçiligi bilen bu ugurlarda işjeň hyzmatdaşlygy alyp barmaga açykdyr. Her ýyl Türkmenistanda şekillendiriş sungatynyň halkara sergileri, aýdym-saz festiwallary, simpoziumlar we ylmy maslahatlar geçirilýär. Bu bolsa sungaty öwrenijilere, edebiýatçylara, medeniýeti öwrenijilere, arheologlara, arhitektorlara tejribe alyşmaga, dürli ýurtlaryň medeniýetleriniň birek-biregi sazlaşykly doldurýandygyny açyp görkezmäge mümkinçilik döredýär. Üstünden beýik Ýüpek ýoly geçen gadymy Merw şäherine "Mary 2015-nji ýylda Türksoýuň medeni paýtagty" diýen buýsançly orun berilýär. Bu bolsa Gündogaryň we Günbataryň ýewraziýa medeniýetiniň birliginiň aýawly saklanylmagyna şaýatlyk edýär.

Irena Kistowiç,
sungaty öwreniji, Türkmenistanyň Suratkeşler birleşiginiň agzasy.



**Мередов Сапармамед**, 1952
**«Вечерняя мелодия»**, 1980
Холст, масло, 70x80 см

**Saparmämmet Meredow**, 1952
**«Agşamara owazy»**, 1980
Kendir, ýagly renk, 70x80 sm



**Оразнепесов Какаджан**, 1944–2006
**«Ковровщицы»** из серии
«Туркменские ремёсла», 1984–1985
Холст, масло, 46x35 см

**Kakajan Oraznepesow**, 1944–2006
«Türkmen hünäleri» toplumyndan
**«Halyçylar»**, 1984–1985
Kendir, ýagly renk, 46x35 sm

**Кудряшов В. Е.**, 1949
**«Парфянские просторы»**, 2005
Холст, масло, 50x66 см

**W.Ý.Kudrýaşow**, 1949
**«Parfiýa sähralary»**, 2005
Kendir, ýagly renk, 50x66 sm





**Худайназаров Батыр Пирли Оглы**, 1956
**«Гарлавач»**, 2004
Холст, масло, 65x72 см

**Batyr Pirli ogly Hudaýnazarow**, 1956
**«Garlawaç»**, 2004
Kendir, ýagly renk, 65x72 sm



**Соснин Георгий Владимирович**, 1922–1979
**«Копетдаг»**
Холст, масло, 100x75 см

**Georgiý Wladimirowiç Sosnin**, 1922–1979
**«Köpetdag»**
Kendir, ýagly renk, 100x75 sm





**Адамова ЕвгенияМихайловна**, 1913–1991
**«Туркменки»**, 1978
Холст, масло, 73x60 см

**Ýewgeniýa Mihaýlowna Adamowa**, 1913–1991
**«Türkmen zenanlary»**, 1978
Kendir, ýagly renk, 73x60 sm



**Черинько Иван Иванович**,
1908–1948
**Эскиз к картине «Скачки»**,
начало 1940-х гг.
Холст, масло, 65,2x44,7 см

**Iwan Iwanowiç Çerinko,**
1908–1948
**«At çapyşygy» atly surat eserine eskiz,**
takmynan 1940-njy ýyllaryň başlary
Kendir, ýagly renk, 65,2x44,7 sm





**Червяков Николай Терентьевич**,
1924–2003
**«Ткачиха»**, 1986
Холст, масло, 45x52 см

**Nikolaý Terentýewiç Çerwýakow**,
1924–2003
**«Dokmaçy zenan»**, 1986
Kendir, ýagly renk, 45x52 sm



**Хаджиев Айхан Аннамухаммедович**, 1924–1998
**«Портрет героя Социалистического труда Бояра Овезова»**, конец 1950-х – начало 1960-х гг.
Холст, масло, 90x70 см

**Aýhan Annamuhammedowiç Hajyýew,** 1924–1998
**«Sosialistik zähmetiň gahrymany Boýar Öwezowyň portreti»**, takmynan 1950-nji ýyllaryň ahyry – 1960-njy ýyllaryň başy
Kendir, ýagly renk, 90x70 sm





**Одаев Ашыр**, 1927–2010
**«Портрет чабана»**, 1987
Холст, масло, 47x64 см

**Aşyr Ödäýew**, 1927–2010
**«Çopanyň portreti»**, 1987
Kendir, ýagly renk, 47x64 sm



**Бабиков Станислав Геннадьевич**,
1934–1977
**«Фрукты со стаканом»**,
вероятно 1956–1957
Холст, масло, 28,5х44,5 см

**Stanislaw Gennadýewiç Babikow,**
**1934–1977**
**«Miweler we bulgur»,**
ähtimal 1956–1957
Kendir, ýagly renk, 28,5x44,5 sm





**Клычев Иззат Назарович**,
1923–2006
**«Мать (Радость семьи)»**, 1967
Холст, масло, 52х72 см

**Yzzat Nazarowiç Gylyjow**,
1923–2006
**«Ene (Maşgalanyň guwanjy)»**, 1967
Kendir, ýagly renk, 52x72 sm



**Байрамов Дурды,** 1938–2014
**«Белуджанка»**, 1980
Холст, масло, 47,5х69 см

**Durdy Baýramow**, 1938–2014
**«Buluç zenany»**, 1980
Kendir, ýagly renk, 47,5x69 sm







**Бабиков Геннадий Федорович**,
1911–1993
**«Натюрморт с кувшином»**, 1981
Картон, масло, 50х60 см

**Gennadiý Fýodorowiç Babikow**,
1911–1993
**«Küýzeli natýurmort»**, 1981
Karton, ýagly renk, 50x60 sm



**Бекмурадов Кульназар**,1934
**«Горянка из Геркеза»**, 1981
Холст, масло, 75х100 см

**Gulnazar Bekmyradow**, 1934
**«Gerkezli dagly zenan»**, 1981
Kendir, ýagly renk, 75x100 sm





**Акмухаммедов Шамухаммед (Шаджан)**, 1937–2010
**«Натюрморт»**, 1991
Холст, масло, 65х80 см

**Şamuhammet (Şajan) Akmuhammedow**, 1937–2010
**«Natýurmort»**, 1991
Kendir, ýagly renk, 65x80 sm



**Амангельдыев Чары**, 1933
**«Мухаммед Байрам хан»**, 1992
Холст, масло, 60x80 см

**Çary Amangeldiýew**, 1933
**«Muhammet Baýram han»**, 1992
Kendir, ýagly renk, 60x80 sm





Живопись Туркменистана.
Мелодии туркменской души

Türkmenistanyň nakgaşçylygy.
Türkmen kalbynyň owazy

**Мамедов Мамед**, 1938–1985
**«Весна в Ашхабаде»**, 1969
Холст, масло, 110x73 см

**Mämmet Mämmedow, 1938–1985**
**«Aşgabatda bahar-ýaz»**, 1969
Kendir, ýagly renk, 110x73 sm



**Алмамедов Аннадурды**, 1937
**«Весна»**, 1977
Холст, масло, 60х80 см

**Annadurdy Almämmedow**, 1937
**«Bahar»**, 1977
Kendir, ýagly renk, 60x80 sm





**Мухаммедов Реджепберды**, 1961
**«Скоро праздник»**, 1989
Холст, масло, 112х85 см

**Rejepberdi Muhammedow**, 1961
**«Bahym baýramçylyk»**, 1989
Kendir, ýagly renk, 112x85 sm

**Сауров Александр Иванович**, 1929–2012
**«Апрель. Багир»**, 80-е гг.
Холст, масло, 50x70 см

**AleksandrIwanowiç Saurow**, 1929–2012
**«Aprel. Bagyr»**, 80-nji ýý.
Kendir, ýagly renk, 50x70 sm







**Маметнуров Овезмухаммед**, 1954
**«Весеннее доение»,** 1984
Холст, масло, 70x100 см

**Owezmuhammet Mämmetnurow**, 1954
**«Yazlaq»**, 1984
Kendir, ýagly renk, 70x100 sm



**Амангельдыев Аман**, 1930
**«Натюрморт «Цветы»**, 1963
Холст, масло, 70x90 см

**Aman Amangeldiýew**, 1930
**«Natýurmort «Güller»**, 1963
Kendir, ýagly renk, 70x90 sm







**Байрамов Ярлы**, 1942–2013
**«Освоение земли»**, 1982
Холст, масло, 60x80 см

**Ýarly Baýramow**, 1942–2013
**«Ýeriň özleşdirilişi»**, 1982
Kendir, ýagly renk, 60x80 sm



**Атаев Ильяс**, 1957
**«На базаре»**, 1988
Холст, масло, 60x70 см

**Ylýas Ataýew**, 1957
**«Bazarda»**, 1988
Kendir, ýagly renk, 60x70 sm





Живопись Туркменистана.
Мелодии туркменской души

